# Ramazan aýynyñ fazileti.

Hamd älemleriñ Robbi Allaha mahsusdyr. Salawat we salam Allah tagalanyñ ilçisi, dogry sözli we emin ynsan, Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we selleme, onuñ maşgalasyna we sahabalaryna bolsun.

Allah Tagala Kuran-Kerimde aýtdy: **“Eý iman edenler! Sizden öñki ymmatlara parz edilişi ýaly, size hem oraza parz edildi. Umyt-ki gorkup çekinersiñiz...Ramazan aýynda ynsanlara dogry ýoly görkeziji we dogry bilen ýalñyşyñ beýany bolan Kuran-Kerim indirilendir. Sizden biri bu aýa gabat gelse oraza tutsyn.”** *(Bakara, 2/183-185)*

Ebu Abdirrahman Abdillah bin Omar bin Hattab radiallahu anhuma şeýle diýdi: Resulullah sallallahu aleýhi we sellemiñ şeýle diýenini eşitdim: **“Yslam bäş zadyñ üstüne bina edilendir. Allahdan başga hak iläh ýoklugyna we Muhammed sallallahu aleýhi we sellemiñ Onuñ pygamberidigine şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, käbä haj etmek, ramazan aýynda oraza tutmak.”** *(Buhari, Muslim)*

Pygamber sallallahu aleýhi we sellem sahabalaryna Ramazan aýyny buşlap şeýle diýerdi: **“Size Ramazan aýy, bereket aýy geldi. Allah bu aýda rahmetini indirer, günäleri bagyşlar, doga-dilegleri kabul eder we perişdelere siziñ bilen öwüner. Şonuñ üçin Allaha garşy özüñizi gowy görkeziñ. Çünki, betbagt kişi bu aýda Allahyñ rahmetinden mahrum bolan kişidir.”** *(et-Tergib we t-Terhib, 2:99)*

Ebu Hureýre radiallahu anhdan rowaýat edilýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Ramazan aýy gelende jennetiñ gapylary açylar, dowzahyñ gapylary ýapylar we şeýtanlar zynjyrlanar.”** *(Buhari: 1899, Muslim: 1079)*

Hafyz Ibn Rajab bu hadys barada şeýle diýdi: “Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem sahabalaryna ramazan aýyny buşlardy. Alymlar aýtdylar: Bu hadys ynsanlaryñ birek-biregi ramazan aýy bilen gutlamaga rugsat berilýänligine delildir.” *(al-Lýataif: 279)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Ramazan orazasyny iman we yhlas bilen tutan kişiniñ, öñki günäleri bagyşlanar.”** *(Buhari: 38, Muslim: 760)*

Ebu Hureýre radiallahu anhdan rowaýat edilýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy:

“**Adam oglunyñ her amaly köpeldiler. Ýagşy amala beriljek sogaby ondan ýedi ýüze çenli köpeldiler. Allah Tagala aýtdy: <u>Emma oraza buña degişli däldir, çünki oraza Meniñ üçindir, onuñ sogabyny Men bererin, ol Meniñ üçin şehwedini we iýmegini terk edendir.</u> Oraza tutan kişiniñ iki begenji bardyr: Biri orazasyny açanda, ikinjisi bolsa Robbine gowuşanda. Oraza tutanyñ agzyndan gelýän ys, Allah üçin misk ysyndan has gowydyr.”** *(Muslim: 1151)*

Allah Tagalanyñ orazany beýleki ybadatlardan aýry tutmagynyñ sebäbi, çünki namaz, sadaka, haj, we jihat ýaly ybadatlar bilen deñäniñde orazanyñ içinde riýa (iliñ gözü üçin etmek) iñ az bolanydyr. *(Fathul-Bari: 4/107)*

Hafyz Ibn AbdulBarr aýtdy: “Orazanyñ fazileti we beýleki ybadatlardan üstünligini görkezmek üçin Allah Tagalanyñ **“Oraza Meniñ üçindir”** diýen sözi ýeterlidir.” *(Majalisu şahri Ramazan: 15)*

Sahl Ibn Sad radiallahu anhdan rowaýat edilýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Jennetde "Reýýan" atly gapy bardyr. Ol gapydan diñe oraza tutanlar girer we olardan başga hiç kim ol gapydan girmez. Aýdarlar: "Oraza tutanlar nirede?"- soñra olar öñe çykarlar we olardan başga hiç kim ol gapydan girmez. Haçanda olar girende, ol gapy ýapylar we hiç kim ol ýere girip bilmez.”** *(Buhari: 1896, Muslim: 1152)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Oraza galkandyr, onuñ kömegi bilen Allahyñ guly ataşdan goralar.”** *(Tabarani, Kebirde. Hasan hadys: Sahyh al-jami, 3867)*

Ýene-de Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kim orazalyka ölse jennete girer.”** *(Bazzar. Şeýh Albani hadysyñ sahyhlygyny tasdyklady. Sahyh al-jami, 6224)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kyýamat güni Oraza we Kuran Allahyñ bendesine şefagatçy boljakdyr. Oraza aýdar: "Robbim! Men ony iýmek we içmekden mahrum etdim, maña rugsat ber oña şefagatçy bolaýyn! Kuran hem aýdar: Robbim! Men ony gije ukusyndan mahrum etdim, maña rugsat ber oña şefagatçy bolaýyn!"- we olaryñ islegleri berjaý ediler.”** *(Ahmed: 2/174, hadysyñ sahyhlygyny ymam Hakim, hafyz Munziri, şeýh Ahmed Şakir we Albani tassyklandyr. Sahyh at-targib, 973)*

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kim Allah üçin bir gün oraza tutsa, Allah onuñ bilen ataşyñ (dowzahyñ) arasyna giñligi ýer bilen asman ýaly giñ bolan çukur goýar.”** *(Tirmizi, 1624)*

Hadysda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: “**Oraza perdedir. Sizden biri orazaly wagty hapa gürlemesin, gygyrmasyn. Eger biri söwse ýa-da dawa etjek bolsa “men orazaly” diýsin.”** *(Buhari, Muslim, 1161)*

Ebu Hureýre radiallahu anh rowaýat edýär, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Agyz açdyran kişä göýä oraza tutan kişiniñ sogaby ýaly sogap beriler. Bu sebäpli oraza tutanyñ sogaby kemelmez.”** *(Tirmizi, 807, Ibn Mäje, 1746)*

Allah Tagalaga hamd, Pygamberimize salawat we salam bolsun.

Allah Tagala ýetip gelen Ramazan aýymyzy mübärek etsin we musulman ymmatyna, watanymyza haýryñ gelmegine wesile kylsyn. Ämin!